# Öweý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Öweý Italmaz NURYÝEW

▶ ÖWEÝ

Heniz saýgarmanka agy-garany,
Dogrusy, ýap-ýaňja aýak bitende,
Ant içdi, gujagna gysdy çagany,
«Ynjytman, jan bolsa eger bu tende».

Gündizler elinden düşürmän gezdi.
Gijeler irkilmän çykdy, görsene.
Mähri gitdi, keramat, bu keramat,
Duýdansyz süýt indi enäň göwsüne.

Hiç bir kynçylygy görmedik çaga
Günün sanap ösdi gaýgysyz-gamsyz.
Ondan bäri geçdi-gitdi kän ýyllar,
Şol çaga-da jahyl çykdy bir kemsiz.

Arman, töwerekden dil berdi biri:
«Wah, ol enelikdir, dälsiňem bilýän…»
…Şindi birem ýaşamadyk çagasyn
Emdirip, otyrka ene düýn öýlän,

Jahyl ogly diýdi: «Öweý bolýaň-da!..»
Ýogsam, ol dilinem dişledi şol dem.
Ene bir gyzardy, birem agardy,
Göwsündäki süýdi kesildi birden.

Syr bermedi, geçdi ogluň günäsin,
«Ýüzüň sallap ýörme!..» diýse-de ene,
Ogrynça bäbegin ogşap aglady,
Bilýär, gaýdyp süýt inmez oň göwsüne. Goşgular